# Sen meniñ dünýämde bir dünýä döret!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sen meniñ dünýämde bir dünýä döret! SEN MENIÑ DÜNÝÄMDE BIR DÜNÝÄ DÖRET!



Sen aslynda meñ ýoluma belet däl,
Meniñ dünýäm özgelerden başgaça.
Yşka dolan hyýallarym telek däl,
Sen meñ ýoluma düş, ýoldan başla-da.
Men aslynda tebigata has ýakyn,

Bu zemine aşykdyryn doglamda.
Kimdigimi bilmersiñ maña syn eýläp,
Sen sähra nazar sal duman sowulanda.

Meñ ýüregim ýyldyz söýen şugladan,
Mesgen tutan beýik daglañ gerşini.
Dünýä sygdym, öz dünýäme sygmadym,
Elläp gaýtdym giñ älemiñ arşyny.

Sen meni tanañok, tanajak bolsañ,
Giñ dünýä goşul-da, maña seret sen.
Aýry başga ada dälsin-ä özüñ,
Sen meniñ dünýämde bir dünýä döret!

Selbinýaz DURDYÝEWA. Goşgular